# Türkmen aýallarynyň zehini

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 23 января, 2025
Türkmen aýallarynyň zehini TÜRKMEN AÝALLARYNYŇ ZEHINI

Köp aýallar her bir işlerde erkek adamlardan asgyn däldir. Okuwly aýallaryň içlerinde her bir işleri her erkekden kem etmeýän köp akylly şägirtleri (?) köpdür. Aýallarymyz akylsyz bolsalar, günä özümizdendir. Ol sebäpden ke, biz olary ynsan hasap etmeýäs, okatmaýas. Elbetde, okuwsyz hiç bir iş ýola gitmez. Her bir zady işletmeseň, poslap, çüýräp, zaýa bolup gider. Zehin hem şoňa meňzeşdir. Eger ony her sagat işletmeseň, akyl hem köpelmez, ýiter, batar gider. Biziň türkmen aýallaryň köp zehinliligi şundan mälim bolýar ki, haly işi köp kyn, çetin işdir we ony hem(me) aýallar (d)okabilmez. Emma biziň türkmen aýallarymyz, Hudaýa şükür, haly-dokma işinde hemme milletlerden öňdedir we ökdedirler. Men ýazmyşdym: »Türkmenler her bir işlerde başga milletlerden asgyn we yzdadyr» diýip. Elbetde, erkeklerimiz dogrudan hem gaýradyr. Aýallarymyz hem bir-ýeke haly dokamak işlerinde artykmaçdyrlar. Şuňa hem Alla müň gaýta şükür.
Indi şu işlerden meniň pikirimçe gelýär: biziň aýallarymyz köp zehinlidirler we eger olaryň akyl-zehinlerini işletsek, ýagny okatsak, olar hem her bir işlerde bize kömekçi bolup, sag elimiz bolar. Ahyrky gep şudur ke, aýal maşgalany hem ynsan hasap edip, erkekler ýaly deň tutup okatmalydyr. Her kim aýala: »Saçy uzyn, akyly kem» diýip, ynsan hasabynda görmän okatmas, özi akylsyz boldugydyr. Gyz maşgalalary okatmak Kuran-y Şerifde hem wajypdyr diýip aýdarlar. Çelekende köp gyzlar, Hudaýa şükür, okap, hat ýazmak-bozmagy bilýärler. Bir molla aýdandyr: »Gyzlaryň hat bilmegi mekrudyr» diýip. Özge birniçe akylly mollalar Kurany – Şerifde deliller tapdylar, ol hem sesini goýdy. Hudaý Tagala hemme ynsana aýdypdyr: »Et-talib-ul ilm-u minel-mehdi ilel-lahdi»*

# »Ruzname-ýi Mawera-ýi Bahr-i Hazar» gazeti, 17. III. 1915 ý.

Muhammetguly ATABAÝ OGLY.

---

*(Hadysdan alnan soňky arapça jümläniñ türkmençe manysy şeýle: »Sallançakdan tabyda-gabra çenli ylym öwren». □ A. S.)

Publisistika